# Gazagystanda koronadan saplananlaryñ sany 30 müñden geçdi

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gazagystanda koronadan saplananlaryñ sany 30 müñden geçdi
GAZAGYSTANDA KORONADAN SAPLANANLARYÑ SANY OTUZ MÜÑDEN GEÇDI

Gazagystanyñ Saglygy goraýyş ministrligi koronawirusa ýolugyp, soñra sagalanlaryñ sanynyñ 31.815-e ýetendigini mälim etdi. Ministrlik tarapyndan mälim edilen maglumatlara salgylansañ, şu ýylyñ 9-njy iýulynda ýurtda 1.726 täze görnüşli koronawirus wakasy hasaba alynypdyr, ýurtda jemi hasaba alnan waka 54.747, aradan çykanlaryñ sany bolsa 264.

■ **Gazak hökümeti Hytaý metbugatynyñ habarlaryny ýalanlaýar**

Ministrlik aýratynam Hytaýdaky käbir metbugat serişdelerinde Gazagystanda koronawirusdan has howply pnewmoniýa wakalarynyñ artýandygy barada çykan habarlaryñ ýalandygyny aýtdy.
Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyñ (BSGG) Kesel kodlary boýunça klassifikasiýasyna görä, «ICD-10» pnewmoniýa kesgitlemesiniñ «CVI» kliniki ýa-da epidemologik taýdan ýiti täsirlenýän öýkenleriñ buzly kristal simptomy kesgitlemesi goýlanda, onu-da laboratoriýa tassyklamadyk bolsa, bu klassifikasiýa degişli edilendigini aýdýan ministrlik Gazagystanyñ hem edil beýleki dünýä ýurtlary ýaly koronawirus infeksiýasynyñ insidensiýasyny we prewalansyny (mediko-statistiki görkezijileri) stabilizasiýalaşdyrmak maksady bilen bular ýaly görnüşdäki pnewmoniýa wakalaryna ýakyndan gözegçilik edýändigini we hasaba alýandygyny aýtdy.

■ **Statistiki maglumatlar koronawirus wakasyny gazak welaýatlaryna görä, şeýleräk görnüşde berýär:**

Nur-Sultan: 6357
Almaty: 6895
Çimkent: 3769
Akmola welaýaty: 1581
Aktöbe welaýaty: 1988
Almaty welaýaty: 2939
Atrau welaýaty: 7150
Gündogar Gazagystan welaýaty: 2547
Jambyl welaýaty: 1971
Günbatar Gazagystan welaýaty: 3699
Garaganda welaýaty: 5790
Kostanaý welaýaty: 1435
Gyzylorda welaýaty: 1578
Mañgyşlak (Mangıstau) welaýaty: 1794
Pawlodar welaýaty: 1616
Demirgazyk Gazagystan welaýaty: 1532
Türküstan welaýaty: 2106.

Şu ýylyñ 16-njy martyndan 15-nji apreline çenli yglan edilen we ikinji gezek uzaldylan adatdan daşary ýagdaý 11-nji maýda ýatyrylypdy.
Gazak hökümeti kabul eden kararlary bilen 5-19-njy iýul aralygynda güýçlendirilen karantin yglan etdi.

Taýýarlan: Guwanç MÄMILIÝEW. Medisina